# Gündeligimde galan setirler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gündeligimde galan setirler GÜNDELIGIMDE GALAN SETIRLER

Eşidýärkäk düşünmeli, görýärkäk akyl ýetirmeli, duýýarkak seljermeli.

* * *

Ýaşaýyş hereketdir we onuň bizden edýän talaby hem hereketlilikdir. Hereketsizlik bolsa islendik wagt ykbalyň durmuşdan hem ýaşaýyşdan üzňeleşmegine sebäp bolup biler.

* * *

Manyly ömrüň her pursady sowulmaz toýa barabardyr.

* * *

Unudylmazlyga – özüniň däl-de, özgäniň bagty üçin göreşmegi başaranlar mynasypdyr.

* * *

Ýürekden hem-de hakydadan öçürilmek iň agyr jeza sezewar bolmakdyr.

* * *

Dünýä synag, ýaşaýyş bolsa mümkinçilikdir.

* * *

Dostluk ebedilige garylanda hakyky dostlukdyr.

* * *

Gülerýüzlüligiň aňyrsynda ýaşyrylan hyýanatdan gork.

* * *

Haýsydyr bir wakany suratlandyryp oňman, onuň döreme sebäpleri we netijesi hakynda hem pikir ýöretmegi öwrenmeli.

* * *

Durmuşda ilkinji söýgi üçin dälde, hakyky söýgi üçin ýaşamaly.

* * *

Bagtymyza şäriklige mynasyplar bizi söýenler we biziň söýenlerimizdir.

* * *

Kynçylyksyz ýetilen sepgit – daragtyny görmän hem tanaman iýilýän miwä meňzeýär.

* * *

Söýmän söýgä, ekmän miwä garaşma.

* * *

Her bir büdrän ädimiňi ýoluň sürçekliginden däl-de, özüňiň seresapsyzlygyňdan görmeli.

* * *

Dünýäniň gijelerden hem-de gündizlerden düzülişi ýaly, ömrüň hem ýagtylyklardan we garaňkylyklardan durjagyny boýun almaly.

* * *

Gudrata ynanan keramaty tapar.

* * *

Her pursatdan dogry çykalga gözlemegi başarmaly.

* * *

Derdini özgä duýdurman ýeňýän beýikdir.

Aknur ROZYÝEWA. Sözler